# Kitap okamak näme üçin peýdaly

Category: Kitapcy,Psihologiýa
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kitap okamak näme üçin peýdaly KITAP OKAMAK NÄME ÜÇIN PEÝDALY



- **Alymlar onuñ 6 sany sebäbini ýüze çykardylar**

Okamak, gürrüñsiz, peýdaly pişe. Ol her bir adamyñ durmuş ýörelgesiniñ bir parçasy bolup durýar. Hili oñat, wakalary durmuşy bolan çeper eserler adam añyna hasam gowy täsir edýär.

Alymlar bu babatda synag işlerini yzygiderli geçirip durýarlar. Bilermenler kitap okamagyň täze, gymmatly häsiýetlerini ýüze çykarýarlar. Eger-de okamagyň peýdasy barada ylmy maglumatlary toparlara bölseň, onda kitap okamagy söýmegi hut şu wagtdan başlamagyň 6 sany sebäbine salgylanmak göwnejaý bolar:

1. Kitap okasaňyz, söz baýlygyňyz artar. Abraýly awtorlary saýlap almak başardan halatynda, söz sözleýşiň çeperçiliginiň ep-esli artmak mümkinçiligi bar. Ondan başga-da, kitap okamak bilen, sizde dil biliminiň (orfografik we sintaktik) talaplaryna duýgurlyk öser.

2. Kitaby köp okaýan adamlaryň düşünjelilik duýgurlyk derejesiniň beýlekileriňkiden ýokarydygy subut edilen hakykatdyr.

3. Kitap okamagyň kömegi bilen, beýniniň tersine öwrüp bolmaýan özgerişlerinden goranyp bolýar. Şeýle hem garrylyk döwri huşsuzlykdan, gaça durmak mümkindir.

4. Köp okamak arkaly aňyň derejesi hem ýokarlanýar. Sebäbi awtorlar öz gahrymanlarynyň her bir işde ugurtapyjylygyny esaslandyryjy deliller arkaly doly açyp görkezýärler.

5. Kitap okalanda, emosional dartgynlylygyň aradan aýrylýanlygy-da subut edildi. Barlaglara görä, gowy kitabyň kömegi bilen aň dartgynlylygybyň derejesini 60% pese düşürip bolýar.

Kerwen ŞYHMYRADOW. Psihologiýa